# Akutagawa Rýunoske

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Akutagawa Rýunoske AKUTAGAWA RÝUNOSKE



Akutagawa Rýunoske, dünýä belli ýapon ýazyjysy.
A.Rýunoske 1892-nji ýylyň mart aýynda Tokioda dünýä inýär. Heniz dokuz aýlyk çagaka ýazyjynyň ejesi aklyndan azaşýar. Rýunoskäni ejesiniň doganyna ogullyga berýärler. Ol çagalyk ýyllaryndan başlap ýapon we hytaý klassyky edebiýatyny ürç edip okaýar. On bir ýaşynda klasdaşlary bilen birlikde elýazma mekdep žurnalyny taýýarlaýar. On dört ýaşynda Frans Kafkanyň

we Ibseniñ eserleri bilen tanyş bolýar. Akutagawa imperator uniwersitetiniñ iñlis edebiýaty fakultetini tamamlaýar. Şol ýyllarda ol Şarl Bodleriñ, Strinbergiñ we Bergsonyñ eserleri bilen birlikde Ýewropanyñ meşhur ýazyjydyr şahyrlarynyñ kitaplaryny elinden düşürmeýär. Akutagawa entek talypka, hekaýalary neşir edilýär. Ýazyjynyñ «Rasýomon derwezesi» atly belli hekaýasy 1915-nji ýylda çap bolýar. Soñ bu eseriñ esasynda meşhur režissýor Akira Kurasawa çeper film döretdi. Uniwersiteti tamamlandan soñ öýlenen Akutagawa eklenç aladasy bilen iñlis dilinden sapak berýär. Maddy ýagdaýy gowlanandan soñ Hytaýa we Russiýa syýahat edýär.

Akutagawa psihologik nowellanyñ ussady hasaplanýar. Ol durmuşda adatdan daşarylygy, täsinligi gözläpdir. Şonuñ üçin gadymyýete köp ýüzlenip, rowaýatlardan hekaýalaryna sýužet saýlapdyr. Ol diñe adatdan daşary, täsin ýagdaýlarda ynsan ýasawynyb syrlaryna, ruhy dünýesiniñ çuñluklaryna aralaşyp bolýar diýip hasaplapdyr. Onuñ hekaýalary jümle nepisligi, diliniñ baýlygy, keşpleriniñ kämilligi, çylşyrymlylygy, emma gurluşynyñ jüpüne düşüşi bilen tapawutlanýar. Akutagawany hemişe wyždan, sungat, ýazyjy gatnaşyklary horlapdyr. Wyždan ýazyjyny öz döreden dowzahynyñ odunda ýakýar. Sungat bilen jedelde bolsa Akutagawa wyždanyny ýitireniñ derejesinde durýar. Sungat oña ruhy asudalygy gaýtaryp berýär, öz-özi bilen oñşuklylyga çagyrýar. Emma haýp… Sungat oña wyždan meselesinde gülala-güllükdigini subut etjek bolýar. Ol ejir çekýär ahyryn. Emma ejir çekmek üçin wyždanyñ bolmagy hökman däl. Sungat ony duýgularynda, pikirlerinde kössüzdigine ynandyrjak bolýar. Emma onuñ öte duýgur we talapkär wyždany durmuşyñ ajy hakykatlaryna çydam edip bilmeýär. Eýýäm 35 ýaşynda dünýä derejesinde meşhurlyga ýeten ýazyjy 1927-nji ýylda öz janyna kast edýär. Ukladyjy dermany aşa köp içen Akutagawa oýanman dünýeden ötýär.

Akutagawanyñ eserleriniñ ýokary çeperçiligi olary ölmez-ýitmez edip, her täze nesil ondan özüne oýlanara pikir çuñlugyny, hakyky sungatyñ berýän lezzetini tapýar.

Ýaponiýada her ýyl bir ýaş ýazyjy Akutagawa baýragyna mynasyp bolýar. Ýazyjy şahyrlaryñ we alymlaryñ terjimehaly